**2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň arasynda içki tertip-düzgüniň berjaý edilişine gözegçilik edýän düşündirişi-öňüni alyş toparynyň DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň arasynda içki tertip-düzgüniň berjaý edilişine gözegçilik edýän düşündiriş-öňüni alyş topary (mundan beýläk – topar) hakynda Düzgünnama mekdebiň talyplarynyň içki tertip-düzgüni hakyndaky Düzgünnama laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Düşündiriş-öňüni alyş topar mekdebiň talyplarynyň arasynda tertip-düzgüni güýçlendirmek, düzgün bozmalarynyň öňüni almak, talyplara bilim bermegiň we olary terbiýelemegiň hilini ýokarlandyrmak hem-de bu ugurda işleri utgaşdyrmak maksady bilen döredilýän köpçülikleýin topardyr.

1.3. Toparyň düzümine direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, topar ýolbaşçylary, umumy ýaşaýyş jaýynyň terbiýeçisi, mekdebiň jemgyýetçilik guramalary, talyplar geňeşiniň ýolbaşçylary girýär. Toparyň işini direktoryň orunbasary utgaşdyrýar.

1.4. Toparynyň düzümi we gurluşy mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen tassyklanýar. Toparyň düzümi direktoryň orunbasarynyň teklibi esasynda düzülýär.

1.5. Toparyň çözgüdi esasynda mekdebiň direktory degişli talyp barada buýruk berýär.

## II. Toparyň işleriniň ugry we guramaçylygy

2.1. Talyplaryň arasynda içki tertip-düzgüniň berjaý edilişine gözegçilik edýän düşündirişi-öňüni alyş topar:

- talyplaryň arasynda ýüze çykýan düzgün bozmalaryň ýagdaýyny, bu ugurda alnyp barylýan düşündiriş öňüni alyş çäreleriniň işlerini öwrenýär we seljerýär;
- tertip-düzgüni bozan talyplaryň işine indiwudual tertipde seredýär;
- bidüzgünçilik etmäge ýykgyn talyplary elmydama gözegçilikde saklaýar we olary sport bilen işjeň meşgullanmaga çekýär;
- topar ýolbaşçylarynyň tertip-düzgüni güýçlendirmek we düzgün bozulmagynyň öňüni almak boýunça alyp barýan işleriniň hasabatyny diňleýär;
- mekdebiň ýolbaşçylary tarapyndan kararyň berilmegi üçin çylşyrymly

meseleleri mugallymlar geňeşinde ara alyp maslahatlaşýar;

- tertip-düzgüni bozan talyplaryň işi derňelende, talyp bilen birlikde kesgitli mugallymy, topar ýolbaşçysyny, talybyň ene-atasyny we bu işiň şaýatlaryny çagyrýar;
- tertip-düzgüni bozan talyba ozal berlen temmi çäreleriniň güýjüni ýitiren diýip hasaplamak üçin mugallymlar geňeşine teklip berýär.

2.2. Topar öz ygtyýarlygynyň çägindäki meseleler boýunça (zerurçylyk bolmasa) ýygnagyny iki aýdan bir gezek geçirýär.

2.3. Ýygnagyň beýany toparyň bir agzasy tarapyndan taýýarlanýar;

2.4. Toparyň işini okuw ýyly üçin meýilleşdirilen iş meýilnamasyna laýyklykda alyp barýar. Iş meýilnama toparyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar we mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanýar;

2.5. Topar öz işini talyplar bilen ýakyndan iş alyp barýan jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde amala aşyrýar.

## III. Toparyň resminamalary

3.1. Düşündiriş öňüni alyş toparyny döretmek barada buýruk;
3.2. Ýygnaklaryň beýany;
3.3. Bidüzgünçilik edip hasaba alnan talyplaryň sanawy;
3.4. Düzgün bozmalara ýykgyn talyplaryň sanawy;
3.5. Maşgalasynda mesele ýüze çykýan talyplaryň sanawy;
3.6. Hossarsyz talyplaryň sanawy.

## IV. Toparyň ygtyýarlyklary

4.1. Topar öz işiniň dowamynda şu aşakdaky hukuklara eýedir:

- toparyň seredýän meselesi boýunça ähli bölümlerden zerur maglumatlary almaga;
- öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmeýän mekdebiň işgärlerini jogapkärçilige çekmek barada direktora teklip bermäge;
- mekdebiň Tertipnamasyny we mekdebiň talyplarynyň içki tertip-düzgüni hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryny bozan talyplary jogapkärçilige çekmek barada direktora teklip bermäge.

## V. Toparyň ýatyrylmagy

5.1. Topar mekdebiň direktorynyň buýrugy esasynda ýatyrylýar.